# Şan-şöhratly Hunlar / Uweý

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Şan-şöhratly Hunlar / Uweý **UWEÝ (M.Ö.114-M.Ö.105)**
Uweý Şanýuý Miladydan öň 114-nji we miladydan öň 105-nji ýyllar aralygynda hökümdarlyk edipdir. Içiziň uly ogly bolan Uweý şanýunyň häkimýet döwri Hun imperiýasynyň durgunlyk döwri saýylýar. Hun Hökümdarlygynyň 4- nji döwri saýylýar. Häkimýetiň 4-nji ýylynda Çyn-Maçyn ilçisi oňa imperatoryň ony huzuryna çagyrandygyny we Wassallygy kabul etmegini isleýändigini aýtdy. Uweý muňa gazaplanyp ilçini Baýkal köliniň etraplaryna sürgüne ugratdy we goşunyna dynç berdi. Ýan-sin atly Çyn-maçyn ilçisi ötünç sorap Şanýunyň rugsady bilen imperatoryň ýanyna gitmek isledi. Şanýuý bolsa oňa haýbat atyp Çyn-maçyn şazadasyny talap etdi.
Şanýuý belli karara gelip bilmän özi Çynmaçyna gitmek isledi we Imperator Wudi Uweý üçin Çankanda bir saraý dikilmegini emr etdi. Şondan soňky ýyl Hun ilçisi Çyn-Maçynda syrkawlandygy üçin Uweý ony öldürüpdirler diýip pikir etdi we Çyn-Maçyna gitmek pikirinden ýüz öwürdi. Miladydan öňki 105-nji ýylda ölen Uweýiň ýerine heniz ýaş ogly Er şanýuý hökümdar diýlip yglan edildi[1].

EDEBIÝAT:
[1] Bichurin N.Ya., «Collection of Information on Peoples in Central Asia in Ancient Times», vol. 1, p.46.

Aşgabat  2015 ý. Taryhy makalalar